# GIŇLIK BER ALLAM

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
GIŇLIK BER ALLAM

GIŇLIK BER ALLAM

Meniň ýüregime giňlik ber Allam.
Italmaz Akmyrat.

Ýananlar, ýanýanlar, ýanjaklar bardyr,
Meniňem ýüregme giňlik ber Allam,
Sönenler, sönýänler, sönjekler bardyr,
Meniňem ýüregme giňlik ber Allam.

Daşyma çykaýsa içdäki agy,
Ýalyny ýer etjek-gum etjek dagy,
Gaýgymyň-gussamyň jem bolan çagy,
Meniňem ýüregme giňlik ber Allam.

Akylym çatansoň birnäçe zada,
Paýhas dünýäsinde gelmişem dada,
Meňzäp gider ýaly bir köňli şada,
Meniňem ýüregme giňlik ber Allam.

Arzy, halym aýda bilmerin özgä,
Aýtman ýaşap ýörjek bolmagam gör-gä ,
Bir seniň öňünde galaýyn bergä,
Meniňem ýüregme giňlik ber Allam.

Goşgular